# Näme aldyñyz, arkadaş?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Näme aldyñyz, arkadaş? NÄME ALDYÑYZ, ARKADAŞ?




Biziñ ýurdumyzda hakykaty ähmiýetsizleşdirip, köpçülikleýin gatlaklary ýalan-ýaşryga ynandyrmak añsat…
Biziñ ýurdumyzda jismany maglumat rasional çemeleşmede gözlenmeýär…
Biziñ ýurdumyzda zol ýoýýan, zol gabardýan «hakly» hasaplanýar…
Birnäçe aýlap AKP-Erdogan Şwesiýanyñ we Finlandiýanyñ NATO agzalygyna garşy çykyp, müñ söz sözledi. Birdenem:
Düýn Madridde başlan NATO liderleriniñ ýygnanşygynda ilki Erdoganyñ, soñ NATO-nyñ baş sekretary Jens Stoltenbergiñ, Finlandiýanyñ prezidenti Sauli Niinistönyñ, Şwesiýanyñ premýer-ministri Magdalena Anderssonyñ başy çatyldy. «Oturyñ-da, arañyzdaky meseläni çözüñ» diýdiler.
Şarp-şurp edägetdin, bary-ýogy iki sagadyñ içinde ullakan mesele çözüldi!
Erdogan näçe aý bäri aýdyp gelýän sözleriniñ barsyny ýuwtdy; Türkiýäniñ bu iki ýurduñ NATO guramasyna agza bolmak boýunça beren arzasyny goldajakdygyna gol çekdi…
Munuñ yzysüre häkimiýeti goldaýan metbugat serişdeleri ýazgymyñ başyndaky üç jümläni durmuşa geçirdi! Ýene ýalan-ýaşryk **hakykat donuna bürendirilip** öñe sürülmäge başlandy. Nämemiş:
Bu iki ýurt terrorçylyga garşy göreşde Türkiýe bilen hyzmatdaşlyk etjekmiş…
Bla… Bla… Boş söz, ýagny.

Aý-how, şonsuzam NATO PKK-nyñ terrorçy guramadygyny kabul edýär.
Şwesiýa we Finlandiýa NATO-nyñ agzasy bolandan soñ, şonsuzam muny kabul etmeli bolarlar.
Galyberse-de, Ýewrobileleşigiñ agzasy Şwesiýa şonsuzam PKK-niñ terrorçylykly guramadygyny kabul edýär.
Türkiýe **öñdenem mälim zady** ylalaşygyñ tektsine goýdurandygy bilen nädip ýeñiş gazandygy bolýarla?
Günbataryñ PKK meselesinde ikitaraply ülñüsi şu ylalaşygyñ teksti bilen üýtgär öýdýäñizmi? Çagany aldan ýaly aldaýarlar.
Aslynda işiñ özeni başga:

- **NÄDIP ÝUWDUBILDILER?**

Häkimiýetiñ metbugat serişdeleri ýazýar:
Finlandiýa we Şwesiýa PKK, PYD, YPG, FETÖ ýaly terrorçy guramalara kömek etmejekdigi barada wada berenmiş. Ýalan!
Ylalaşygyñ tekstinde şeýle diýilýär:
«- Finlandiýa we Şwesiýa PYD-YPG we Türkiýede FETÖ diýip tanalýan topara kömek etjek däldir.»
Bu sözlemde «terror» sözi ýok. Bu iki ýurt bulary terror topary hökmünde görýändigini kabul edenok.
Hasam beteri FETÖ üçin berilen kesgitlemä serediñ:
«- Türkiýede FETÖ diýip tanalýan topar!»
«Biz beýle diýemzok» diýmegi añladýar bu sözlemiñ manysy.
Häzirem simpatiýa bilen seredýärler. Çünki aslynda FETÖ ABŞ-dyr NATO-nyñ «Gladio» topary ahwetin!
«15-nji iýul agdarlyşygy» arkaly özüni agdarmak islän terrorçy topara garşy ylalaşygyñ tekstinde şular ýaly derejede pese düşüriji sözlemiñ bolmagyny AKP-Erdogan nädip içine ýuwdup bildi?
Bu ylalaşygyñ daşyndanam bizden bukulýan gizlin ylalaşyk teksti bolaýmaly. Şular ýaly derejede özlerini we ýurdumyzy nädip pese düşürip bildilerkä? Nämäniñ sözüni aldylar?
Perdäniñ añyrsynda birnäçe aýlap nämäniñ söwdasy edildi? Şunça boş pañ-pañlamanyñ düýp maksady nämedi?
Erdogan juda uly bir zadyñ sözüni alan bolmaly, ýogsam bolmasa birnäçe aýlap tekrarlap-tekrarlap aýdan sözlerini ýuwdup, Russiýany, Hytaýy garşysyna almagyñ bahasyna iki sagadyñ

içinde gol çekmezdi.
Hawa, näme barka bu ylalaşygyñ tekstinde ýazylmadyk?

## • IÑ TUTAŞDYRYJY SOWAL

Erdogan pragmatist syýasatçy…
Nireden peýda görjegini bilse, şo tarapa egilýär…
Şwesiýanyñ we Finlandiýanyñ ýurdumyzyñ kelleagyrysy bolan terrorçy guramalara garşy göreşjegine ynanýarmyka?
Şunça ýyllap syýasatyñ, daşary syýasatyñ nirden girip, nirden çykylýanyny gowy bilýän «möjek syýasatçy» Erdogan kagyz ýüzündäki tekstiñ näderejede güýjüniñ ýörejegini-ýöremejegini bilmez ýaly biri däl bolsa gerek.
Erdoganyñ her äden ädimi hasaplydyr…
Ylalaşygyñ teksti, gollar, terrorçylyga garşy göreş, pylan-pysmydan… bularyñ barsy gury söz. Gözboýagçylyk bular. Ynandyryjy däl.
Sorag şu:
Madriddäki NATO ýygnanşygynda Erdogana asyl nämäniñ sözüni, goldawyny berdiler?
Biz bilemzokmy näme: ABŞ-NATO berk dursa, FETÖ-dyr PKK-ny sanlyja günüñ içinde ýom-ýok edip bilýär. Täze konsepsiýalary terrorçy guramalara garşy söweşmekdigine garamazdan beýdenoklar. Edesleri gelenok. Çünki bu toparlar olaryñ öz «Gladio» toparlarydyr:
FETÖ-ny «Kommunizme garşy göreş jemgyýeti» ady bilen özleri gurdy.
PKK-ny SSSR dargandan soñ ele geçirdi.
Erdogan muny gowy bilýär.
Hulusi Akar muny gowy bilýär.
Hakan Fidan muny gowy bilýär.
Ýagdaý şeýle bolýan bolsa…
Asyl ylalaşygyñ tekstinde bolmadyk, ýazylmadyk haýsy sözleriñ berilendiginiñ üstünde durmaly dälmi?
Şwesiýa we Finlandiýa terrorçy guramalara garşy göreşde Türkiýe bilen hyzmatdaşlyk etjekmiş. Güldürmäñ bizi. Nämäniñ ylalaşygyna geldiñiz? Düýp mesele şu!

Pragmatist Erdoganyñ asyl alan zady näme?
Iñ janyña batýanyny soraýyn:
Erdogana 2023-nji ýylyñ saýlawlaryndaky kandidaturasyny goldamaga söz berildimi? Ýa başga näme?
Nämemiş, «dünýä bäşden ulumyş», pylan-pysmydan boş sözlerini agyzlaryndan düşürmän gelýärler…
Näme aldyñyz, şonça sözüñizi ýuwdup berdiñiz?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 30.06.2022 ý. Publisistika